Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2019-njy ýylyň 1-nji martynda çykaran 30-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**“Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2015-nji ýylyň 28-nji dekabrynda çykaran 109-Ö belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň,
halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy,
2019 ý., № 1, 158-nji sahypa)

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda 940 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2015-nji ýylyň 28-nji dekabrynda çykaran 109-Ö buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş günüň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy D.Amanmuhammedowa tabşyrmaly.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 11-nji martynda 1198 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.